# Gowy durmuş

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gowy durmuş

GOWY DURMUŞ

Özümden bilýän, ýazyjy-şahyrlar öz ýazjak zatlaryny gursagynda göterip ýöreýärler. Olaryň bu göterip ýören zatlary, hyýaly bolmagyda mümkin ýada durmuşda anyk bolup geçen wakalarda bolmagy mümkin. Ýenede ýazyjy-şahyrlar barada bilmeli zadyňyz, bu olaryň sähelçe zada begenip, sähelçe-de zada gynanýanlygydyr. Eger bir ýazyjyny häzirje begendirseň, we yz ýanyndan gynandyrsaň, onda bu ýazyjy häzirje begendireniňi ýatdan çykarar-da, diňe gynanyp otyrar. Ýazyjy-şahyrlara düşünjek bolsaň, olar barada çuňňur bilimlere eýe bolmaly. Edil olaryň özleri ýaly. Birinjiden, ýazyjy-şahyrlar belli bir maksada eýerýän, we bu maksady yzarlaýan adamlar bolýar. Ikinjiden, ýazyjy-şahyrlar bu maksatlarynyň amala aşmagyny isleýän adamlar bolýarlar. Tapawudy ýok, olar näme barada ýazsalaram. Ine şu ýagdaý hem, ýazyjy-şahyrlary örän duýgyr edýär. Üçünjiden, maksady amala aşmaýan ýazyjy-şahyrlar, edil kapasa düşen guş ýaly iki ýana, belki çar tarapa urynyp başlaýarlar. Bu halatda olar örän agyr ýagdaýlara düşýärler. Indi, ýazyjy-şahyrlary näme gynandyrýar?. Birinjiden, olary gynandyrýan zat bu, öz ýaşaýan ýerinde bolsun ýada dünýäiň islendik künjeginde bolsuň, her dürli adalatsyzlyk, uruş, keselçiliik, her dürli betbagtçylyk, bularyň hemmesi birleşip, ýazyjy-şahyrlara güýçli zarba urýar. Ikinjiden, olary begendirýän zat bu, dünýäniň gözelligi, ýurtlaryň abatlygy, şahsy durmuşynyň oňuna bolmagy, adamlaryň agzyndan ýaramaz sözleri eşitmezligi. Bularyň hemmesi birleşip ýazyjy-şahyrlary gülledýär. Bu ýagdaý olaryň, gowy diýilýän eserleri döretmegine sebäp bolýar, ýogsa ýaramaz durmuş bigelişik eserleri döredýär. Diýmek, ýazyjy-şahyrlardan gowy eserleri isleýäňizmi, isleýän zadyňyza garaşyk özüňizi alyp baryň!.

Käwagtlar asly ýaramaz adamlar özi barada, gowy diýilýän eserleriň ýazylmagyny isleýärler. Bu wagtlar ýazyjy-şahyrlar zora galýarlar, çünki bu halatda olaryň mejbur edilmegi mümkin. Indi, siz kimi aýyplarsyňyz, ýazyjynymy ýada ony zorlap, özi barada ýalany ýazdyrany?. Eger ýazyjyny ýada şahyry aýyplajak bolsaňyz, ilki bilen özüňizden mysal alyň!. Durmuşda siz özüňizi nähili alyp barýarsyňyz?. Zorluga çydamyňyz barmy?. Zorluga garşy göreşip bilýäňizmi?. Başarmaýaňyzmy, diýmek hiç kimi aýyplamaň, şahyry hem ýazyjyny hem. Olar hem adam. Robot däl. Eger isleseňiz olar barada bir zady bellemeli!. Size garanda, ýazyjy-şahyr durmuş barada örän köp zady bilýär we her edip, hesip edip, olar adamyň durmuşynyň, we şol sanda seniňem durmuşyň, ilerlemegine öz goşandyny goşýarlar. Ýurtda şahyr- ýazyjy bar, diýmek bu ýurdyň ösmegi üçin gerekli şert bar!.

Nurberdi ANNAÝEW.

Edebi makalalar